# Özbek çaýhanasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Özbek çaýhanasy ÖZBEK ÇAÝHANASY



Men oña duş geldim, gör, näçe ýerde,
Akar suw boýunda, bagyñ içinde.
Balyk jyzyrdaýar ýagyñ içinde…
Palaw bugaryp dur uly gazanda.
Göwnüme bolmasa, bütin bu Daşkent
Dem alýar, ýakymly buguñ içinde.
Elbetde, bu zatlar alnyñdan çyksa,
Sowulman duşuñdan geçebilmersiñ.
Şapalaw yzyndan süz ajy çaýy?
Ýok, başga del zady içibilmersiñ!

Özbek çaýhanasy, haladym seni.
Alkyş aýdar tagamyñy dadanlar.
Görelde alnaýsa almaly zatdan
Belki, bizem kiçelmeris, adamlar?

Berdinazar HUDAÝNAZAROW. Goşgular